# Kakasynyñ öýi

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Kakasynyñ öýi KAKASYNYÑ ÖÝI



*Millionlaryñ ses bermäge gatnaşan saýlawyndan utulyp çykanyñyzda gaharlanmagyñyz feminist çemeleşmemi?*
Ýeñiş gazanan prezidentiñ üstünligini yglan etmezinden öñ ýeñilen kandidatyñ ýeñilendigini mälim etmäge gyssanmagy amerikan demokratiýasynyñ nähili belent derejä ýetendigini görkezýär.
Has takygy, nähili ýeñjekdigiñizi bilýän bolsañyz, nähili ýeñiljekdigiñizi-de bilmeli.
Kamala Harris iki partiýadyr iki mejlisi (Senaty we Wekiller palatasyny) syryp-süpüren prezidente tradision çagyryşyny etmekde bir gün gijä galdy.
Hanym Harris üçin ýaramaz alamat.
Syýasy karýerasy juda az bolan we heniz tanalyp ýetişmedik

aýal ilki wise-prezident bolýar, soňam prezidentlige kandidaturasyny goýýar. Ol iki wezipäniňem öz hakydygyny we ýeňilmegiň ylalaşyp bolmajak zatdygyny pikir edýär.
Mundan beýläk Harrisiň syýasy karýerasyny dowam etdirip bilmegi kyn bolar. Megerem ol güneşli Kaliforniýadaky şowhun-şagalaňlardan we işýakmazlykdan doly durmuşa gaýdyp barsa gerek.
Millionlaryň ses bermäge gatnaşan saýlawyndan utulyp çykanyňyzda gaharlanmagyňyz feminist çemeleşmemi?
Bu ýöne bir ýaryş we «ýeňen hemme zady» almaýarmy näme?
Donald Tramp Ak Tamyň bosagasynda şumada çenli iki aýaly lapykeçlige uçratdy.
Hillari Klinton has beter garşylyk görkezipdi. Onuň howpsuzlygyna jogap berýän toparyň işgärleri ýeňlendigini bilende resepsiýanyň zalyndaky zatlary saga-sola zyňandygyny we paýyş sögünendigini aýdýar.
Hanym Klintony tanaýanlar ondan has beterine garaşýardy. Emma onuň saýlawçylara eden gahary mantykly hasaplanybam bilner. Hernäme-de bolsa ol çagalygyndan bäri syýasatyň içinde. Ol Ak Tamdaky ilkinji amerikaly we yzyndan Daşary işler ministri bolan zenan.
Aýyplamalar tebigy göz bilen garap, bildirilen gahara dogry düşünse bolar.
A Harrisiň Ak Tamdaky gurallarynyň kanunylygy nirede?
Kandidatlyga kandidatlara süýkenen we olary öldüren mikrob bar. Özüniň kandidaturasyny goýan badyna kandidatlyk özbaşyna ýeňişe öwrülýär.
Liwanea bu mikrob epidemiýa öwrüldi, emma şumada çenli Maruni jemgyýetindäki erkekler bilen çäklendi.
Akyly-huşy ýerinde bolan islendik kişi ejesinden başga goldaýany bolmasa-da preziidentlige kandidaturasyny goýup bilýär. Bir gezeginde ministr degişmei üçin ýa-da wezipesini we hojaýynlaryny peseltjek bolup doly tanalyp ýetişmedik syýasatçynyň adyny öňe sürdi.
Birinji garşylyk doly tanalyp ýetişmedik syýasatçydan geldi. Telewideniýede çykyş etdi we ministriň inisiatiwasyny gutlaýandygyny, ýöne ilki partiýanyň ýolbaşçylaryna geňeşmeli

boljakdygyny aýtdy.
Partiýamy?..
Hawa. Özi, kakasy, çykany we syýasy býuronyñ galan adamy.
Kreml we Lenin diýen ýaly bir zat-da.
Ünsüñizi çekjek bolup öte geçýändigimi-de aýdyp bilersiñiz.
Hakykat mundan has beter gorkunç.

Semir ATAULLAH,
Liwanly žurnalist.

Şenbe, 09.11.2024 ý. Publisistika